# Añ telperligi

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Añ telperligi AÑ TELPERLIGI




Biz kän ýerde syýasy jahylyýetde ýaşaýarys, «öz tarapymyzda» çalynýan «saza» goşulyşmaýana zäherimizi pürkýäris!
Her öňýeten öz pikiriniň alternatiwasyzdygyna ynanýar. Her öňýeten özüniň, pikiriniň, eden işiniň mukaddesleşdirilmegini isleýär. Ýolbaşçylar başlyklaýyn, her öňýeten özüniň öwülmegini, ýüzüne magtalmagyny isleýär…
Şular ýaly añ baknalygyny nämüçin şindizem analiz edip bilemzok?
Şular ýaly akylyň gymmatlyk ýitgisini iki söz bilen aýdamda, intellektualizmiň gowşaklygyndan görýärin… A hakykatyň status-kwo ýitgisi näme?
Nädip beýle bolduk?
Özümizi jogapkärçilige çekip bilmezligimiziň düýp sebäbi, her pursatda diýen ýaly jemgyýetçilik çüýrükligiň «aýbyny» özgelere, häkimiýet başynda oturanlaryň boýnuna atma añsatçyllygy… Ýogsam bolmasa:
Diňe bir tarap däl, tutuş jemgyýet bolup pese düşdük!
Meselem, diňe «aňyrky tarapyň» teleýaýlaymlary däl, «biziň

ýaýlymlarymyzam» özünden geçip diýen ýaly parlaňküşlük bilen halkyň aňyny üýtgetmek üçun işleýär. Baý, kän propogandistler bar-a! Agyzlaryny dolduryp bir gürleýärler!




* * *

Soňky ýyllarda döwrüniň akylyna, duýgusyna, düzgünine garşy çykyp bilýän intellektuallary gündiz eliň çyraly gözläp tapmaly boldy. Nirä sumat boldy bular? Nirä gitdiler? Hakykatyň ugrundaky intellektuallaryň ýitgisi nädip boldy?

Iň erbet ýerem, nämüçun hiç kim intellektual mätäçligi duýanok, gözlegde däl? Şular ýaly derejede apolitiki

perwaýsyzlygyñ sebäbi näme? Galyberse-de, intellektuallar iñ soñky derejede ähmiýetsiz ýüz hökmünde (entel-dantel) görülmäge haçan başlandy?
Mälim bolşy ýaly, intellektuallaryñ ýitgisi – tankydy düşünjäniñ, döredijiligiñ ölümi diýmekdir. Onuñ ýok ýerini soragsyz-sowalsyz boýun egilýän ytagat medeniýeti eýeleýär…
Eýse nämüçin şeýle boldy? Bu bu gyşarmany amerikan medeniýetinden miras aldyk!
ABŞ-nyñ pelsepeçileriniñ görnükli wekillerinden professor Riçard Hofştadter «Pulitzer» baýragyna hödürlenen «Amerikan durmuşynda anti-intellektualizm’ kitabynda konserwatiw prowinsial medeniýetiniñ demikdirijiligi we munuñ bilen anti-kommunistik syýasy paranoýa makkartiçiligiñ arasyndaky gatnaşygy öwrendi.
Onuñ salgylanan fanatik ruhanysy Jon Kottonyñ duýduryşy edil häzir doly güýjüni saklanokmy näme:
«Has köp öwrenip-bilip, has degişgen biri boldugymyz saýy, şeýtanyñ isleýän adamyna has köp ýakynlaşdygymyz bolar».
Intellektuallar hemişe şeýtanlaşdyrylyp gelindi! Fransuz sagçylary-da ýazyjy Marsel Prusty Üçünji respublikanyñ ahlak çöküşligine sebäp görkezmedilermi? Taryhy intellektual elmydama «şübhe tohumyny» ekýän günäkär yglan edildi. Birmeñzeş ýepbeklendiler: «Intellektuallaryñ hyýanaty». Aýratynam, «Sowuk uruş» döwründe intellektuallar yzygiderli diýen ýaly ekstremizmde, syýasy ýykgynçylykda aýyplandy.
Hawa, biz bu mirasy ABŞ-dan aldyk! Häzir munuñ netijesini görýäris, jahylyýet döwrüni başdan geçirýäris…




* * *

«Mollasy köp bolsa, toklusy haram öler». Orta çykyp akyl satýan köpelipdir! Içinde ýeke intellektual ýok! Haýsydyr bir pikiri diñe mahabatçylara wagyz etdirýärler. Geñ gerek? Ýok.

Işine ezberleri, akademikleri, tehnokratlary, ekran jazmenlerini intellektualdyr öýtme ýöntemligine düşdük! Bu zatlar käriñ başarjak işi däl. Intellektual – kimdir biriniñ zory bilen hereket etmeýän, garaşsyz, azat we analitiki akyl-paýhasyny ulanýan akyldardyr… Ol görnüp duran zatlardan biynjalyk bolýan, döredijilikli pikiriñ

zähmetkeşidir…
Gynansak-da, intellektuallar agalyk sürüji medeniýete, basyşa ýeñildi. Şeýdibem, ýurt birsydyrgynlyga-konformizme duçar edildi.
Öwrülişigiñ bolmagyny isleýänlerem kyn göreşleri başdan geçirmeli bolýar.
Status-kwoçylaryñ syýasatyñ manysyny gaçyrmagyna geñ galyp oturmagyñ hajaty ýok! Intellektual boşlugyñ ýerini, mezhepçilik, ildeşparazlyk doldurýar…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 28.09.2023 ý. Publisistika